# Daglar, daglar…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Daglar, daglar…

DAGLAR, DAGLAR…

Daglar, daglar…
Gör, nähili beýik siz,
Depäñiz geçipdir bulutdan añry!
~ Bujagaz gyz bize aşyk – diýip siz,
Kesä çekip gülmäñ, saýmañ siz saýry!

Daglar, daglar…
Dünýäñ syrly arşyna
Baş diräp durşuña aşyk men, hatda.
Eý, Köpetdag, iñ bir belent gerşiñe,
Alyp çyk, sen meni tug edip sakla!

Daglar, daglar…
Öwrülip siz buýsanja
Dyz epmez durkuñyz gözümde galar.
Sary güýz sähranyñ keşbi bar sizde,
Hem türkmen ilиniñ nusgasy – daglar!

Daglar, daglar!
Siz owadan halatda
Huzurñyza geldim alysdan-daşdan.
Men gitmeli, siz galmaly sagatda,
Gussaly duýgyny geçirdim başdan.

Daglar, daglar…
Söz tapamok, dogrusy,
Mydam barça sözden belent bolgaý siz.
Herne meni – uzak başgyrt ilinde
Şeýle gyz bar diýip, ýada salgaý siz!

▶ MAGTYMGULY

Ähli gülden saýlanyp dur,
Türkmenistan – bagtyň güli.
Şan-şöhrata şaýlanyp dur,
Beýik şahyr Magtymguly.

Guwan gelen döwletiňe,
Gör, neneňsi bagtyň uly.
Taryhy dek görüp seni
Söýýär iliň Magtymguly.

Dabaraň ýetipdir arşa,
Seniň diliň ~ bagtyň dili.
Il-ulsuň belende galsa,
Senem galýaň Magtymguly.

Türkmeniň altyn jygasy,
Sen bolduň, sen ~ halkyň guly.
Dünýäniň sönmez şuglasy,
Beýik adam ~ Magtymguly!

Aýgül GIMRANOWA,
başgyrt şahyry.

Terjime eden: Ahmet MÄMMEDOW.

Goşgular